# ÝOLBAŞÇYNYŇ ESASY IŞ SYPATLARY

Häzirki döwürde ylmy-tehnikiösüşler bilen birlikde durmuşa bolan düşünjelere, oý-pikirlere täzeçe çemeleşmek talap edilýär. Adamyň şahsyýetine ýüzlenmek, onuň özbaşdaklygyny we gymmatlyklaryny ykrar etmek, dolandyryşda ünsi adama gönükdirmek täzeçe çemeleşmäniň alamatlarydyr.

Ýolbaşçynyň işi köp ugurlydyr hem-de dürli görnüşlidir. Şuňa laýyklykda hem-de jemgyýetiň gymmatlyklarynagörä, ýolbaşçyda toplumlaýyn şahsy we umumy häsiýetli sypatlar jemlenen bolmalydyr.

Häzirki döwürde şahsyýetiň mertebesini we erkinligini dikeltmek möhüm wezipe hasaplanylýar. Bu wezipäni durmuşa geçirmek, ilkinji nobatda, ýolbaşçydan başlanýar. Ýagny ýolbaşçy durmuşda elmydama öz mertebesini saklamagy başarmalydyr, edil şonuň bilen deň derejede her bir adamyň mertebesine hemişe hormat goýmalydyr. Mertebeli ýolbaşçyişiň başyny başlamaga, görelde görkezmäge ukyply bolýar, ol başarjaň, gaýratly we jogapkärçiligi duýýan şahsyýetdir. Onuň halal işlemäge şahsy mümkinçiligi örän uludyr. Mertebelilik ýolbaşçynyň dogruçyllygyna baglydyr.

Ýolbaşçynyň işgärler köpçüliginiň öňünde hasabat bilen çykyş etmegine uly ähmiýet berilýär. Şu sypatlar diňe ýolbaşçy üçin däl-de, ol ähli işgärler, adamlar üçin häsiýetli bolmalydyr. Şonuň üçin şeýle sypatlar umumy sypatlar diýilýär. Olardan başga ýolbaşçyda ýöriteleşdirilen aýratyn sypatlar: syýasy, ykdysady, psihologiýa medeniýeti, kompýuter, buhgalteriýa we dil babatdaky sowatlylyk ýaly häsiýetler degişli bolmalydyr.

Ýolbaşçynyň syýasy medeniýeti, onuň hojalyk işlerini döwletiň syýasatyna laýyk ýöretmek ukybyny aňladýar. Şonuň üçin her bir hojalyk ýolbaşçysy döwletiň syýasatyna görä öz işini guramalydyr. Ýolbaşçylyk edýän toparynda bähbitli işler bilen döwletde, jemgyýetde öz ornuny tapmalydyr.

Ýolbaşçynyň kabul edýän görkezmeleri we ýerine ýetirýän kanuny tabşyryklary adamlaryň ýaşaýyş derejesine täsir edýän hem-de kesgitli durmuş-ykdysady netijelere getirýär. Ýolbaşçy durmuş-ykdysady işleriň guramaçysy hökmünde şahsy, topar we jemgyýetçilik bähbitlerini özünde jemleýär. Jemgyýetiň demokratiýalaşdyrylýan şertlerinde ýolbaşçylykda ylalaşmak ýörelgesi möhümdir. Kiçi toparlaryň hukuklarynyň kepillendirilişi bu ýörelgä baglydyr.Ýolbaşçynyň syýasy medeniýeti onuň umumy medeniýetliliginiň bir bölegidir. Ol jemgyýetiň ösüşiniň taryhy derejesine, adamyň döredijilik kuwwatyna we mümkinçiliklerine baglydyr. Syýasy medeniýetiň düzümine syýasy sowatlylyk, syýasy duýgurlylyk girýär.

Все права защищены

**Kakajan ATAÝEW**

**S.A. Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk**

**uniwersitetiniň talyby**

Все права защищены